**11. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasynyň bilelikde ýerine ýetirýän “Pariž ylalaşygyna laýyklykda Aýdyňlygyň giňeldilen çäklerini berjaý etmek boýunça Türkmenistanyň mümkinçiliklerini berkitmek” taslamasy**

**Gol çekilen senesi: 2026-njy ýylyň 22-nji ýanwary**

**Umumy maglumat:**

“Pariž ylalaşygyna laýyklykda Aýdyňlygyň giňeldilen çäklerini berjaý etmek boýunça Türkmenistanyň mümkinçiliklerini berkitmek” taslamasy (CBIT taslamasy) BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO) we Türkmenistanyň Hökümetiniň bilelikde taýýarlan hödürnamasy esasynda Bütindünýä ekologiýa gaznasynyň (BEG) Müdiriýeti tarapyndan 2024-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda makullanyldy. Taslama boýunça BEG-iň ýerine ýetiriji edarasy hökmünde FAO çykyş edýär. Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Durnukly ösüş boýunça döwletara toparynyň Ylmy-maglumatlar merkezi bu taslamany Türkmenistanda ýerine ýetiriji edara bolup, ol Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň adyndan CBIT taslamasyny amala aşyrýar.

Taslama Pariž ylalaşygynyň aýdyňlyk barada talaplaryny göz öňünde tutmak bilen klimatyň üýtgemegi çygrynda mümkinçilikleri ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bu taslamany ýerine ýetirmekde alyp baryjy döwlet edarasydyr. Ýurdumyzyň beýleki degişli ministrlikleri we döwlet edaralary, ylmy we jemgyýetçilik guramalary taslamanyň hyzmatdaşlarydyr.

**Esasy maksady:**

a) Aýdyňlygyň giňeldilen çäkleriniň talaplaryny berjaý etmeklige ýardam bermek hem-de zyňyndy gazlary azaltmagyň we ösüşiň uzak möhletleýin strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin milli institusional gurluşy we maglumatlary dolandyrmak ulgamyny berkitmek;

b) Zyňyndy gazlary tükellemeklik işini taýýarlamak, şeýle hem, milli derejede kesgitlenilýän goşantlaryň (MDKG) çäklerinde klimatyň üýtgemeginiň täsirlerini azaltmak boýunça çäreler barada hasabatlylyk we gözegçilik üçin milli tehniki mümkinçilikleri berkitmek;

c) MDKG-niň çäklerinde göz öňünde tutulan çäreleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan we alnan içki we halkara klimatik maliýeleşdirmegiň serişdelerini hasaba almak we seljermek.

**Taslamanyň hereket edýän möhleti:** 2026-njy ýylyň ýanwaryndan 2028-nji ýylyň dekabr aýy.